#172 (194)
среда, 10 апреля 2024 года
Интернет газета
Международные новости
Учредитель — Министерство иностранных дел Туркменистана



# TÜRKMENISTANYŇ MINISTRLER KABINETINIŇ GIŇIŞLEÝIN MEJLISI



**6-njy aprelde hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow sanly ulgam arkaly Ministrler Kabinetiniň mejlisini geçirdi. Onda wise-premýerleriň hasabatlary diňlenildi we şu ýylyň birinji çärýeginde ýerine ýetirilen işleriň jemleri jemlenildi.**

Ilki bilen, Mejlisiň Başlygy milli parlamentiň ýurdumyzyň kanunçylygyny kämilleşdirmek boýunça şu ýylyň üç aýynda ýerine ýetiren işleriniň netijeleri barada maglumat berdi. Soňra Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasarlary gözegçilik edýän ulgamlarynda 2024-nji ýylyň birinji çärýeginde alnyp barlan işler barada hasabat berdiler. Hasabatlary diňläp, döwlet Baştutanymyz milli ykdysadyýetimiziň ähli pudaklaryny ösdürmek bilen bagly öňde durýan möhüm wezipelere ünsi çekdi, anyk tabşyryklary berdi.

Hususan-da, medeniýet ulgamyna gözegçilik edýän wise-premýeriň hasabatynda bellenilişi ýaly, Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygy, Milli bahar baýramy — Halkara Nowruz güni, milli senenamamyzyň şanly seneleri mynasybetli maslahatlar, döredijilik duşuşyklary, sergiler, wagyz-nesihat çäreleri, aýdym-sazly dabaralar, çeper we dokumental filmleriň görkezilişi boldy. Şeýle hem ozal yglan edilen bäsleşikleriň jemleri jemlenildi, ýeňijileri sylaglamak dabaralary guraldy. Halkara hyzmatdaşlygyň çäklerinde türkmen hünärmenleri daşary ýurtlaryň birnäçesinde, şol sanda Ermenistanda we Fransiýada iş saparynda boldular. Änew şäheriniň 2024-nji ýylda «Türki dünýäsiniň medeni paýtagty» diýlip yglan edilmegi mynasybetli TÜRKSOÝ-na agza döwletleriň wekilleriniň gatnaşmagynda konsert, şekillendiriş we amaly-haşam sungatynyň eserleriniň sergileri, fotosergiler, döwlet we milli muzeýleriň ýolbaşçylarynyň forumy guraldy. Şu ýylyň birinji çärýeginiň esasy çäreleriniň hatarynda «Türkmenistanda syýahatçylygy ösdürmegiň esasy ugurlary we mümkinçilikleri» atly halkara maslahaty hem-de «Türkmen topragy — gadymy medeniýetleriň merkezi» atly metbugat maslahatyny görkezmek bolar.

Şeýle hem teatrlarda, kinoteatrlarda, kinokonsert merkezlerinde, kitaphanalarda, muzeýlerde, Türkmen döwlet neşirýat gullugynda, Oguz han adyndaky «Türkmenfilm» birleşiginde, Türkmenistanyň Döwlet habarlar agentliginde degişli işler ýerine ýetirildi. Ýurdumyzda hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda gazanylýan üstünlikler we amala aşyrylýan özgertmeler köpçülikleýin habar beriş serişdelerinde giňden beýan edildi. Hormatly Prezidentimiz wise-premýere geljekde-de meýilleşdirilen çäreleri ýokary derejede guramak üçin degişli işleri alyp barmagy tabşyrdy.

Bilim, saglygy goraýyş we sport ulgamlaryna gözegçilik edýän wise-premýeriň hasabatynda bellenilişi ýaly, ylymly-bilimli ýaş nesilleri terbiýelemäge, okatmagyň usulyýetini kämilleşdirmäge, okuw kitaplarydyr gollanmalaryň mazmunyny baýlaşdyrmaga gönükdirilen özgertmeler dowam etdirildi. Halkara ders we internet bäsleşiklerinde ýokary netijeler gazanyldy. Dürli bilim, döredijilik bäsleşikleri, olimpiadalar, döwlet Baştutanymyzyň tabşyrygyna laýyklykda, Halkara ynsanperwer ylymlary we ösüş uniwersitetinde talyplaryň arasynda IV Açyk halkara matematika olimpiadasy guramaçylykly geçirildi. Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň döredilen gününe gabatlanyp, Arkadag şäherinde guralan mekdep okuwçylarynyň halkara matematika olimpiadasy hem möhüm ähmiýetli waka boldy.

Şu ýylyň birinji çärýeginde ylym ulgamynda düýpli özgertmeler amala aşyryldy. Hormatly Prezidentimiziň Karary bilen, «Oguz han» ylymy-tehnologiýalar merkezi döredildi. Doktorlyk, kandidatlyk dissertasiýalary goralyp, ylmyň ugurlaryna aspirantlary, doktorantlary kabul etmek, alymlyk derejelerine dalaşgärlige hasaba almak boýunça işler ýerine ýetirildi. Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygyna bagyşlanan çäreler, Änew şäheriniň 2024-nji ýylda «Türki dünýäsiniň medeni paýtagty» diýlip yglan edilmegi mynasybetli «Gadymy Änew medeniýeti» atly halkara ylmy maslahat geçirildi. Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň serişdeleriniň hasabyna näsag çagalara dürli operasiýalar edildi. Bu gaznanyň döredilen güni mynasybetli «Türkmen halkynyň Milli Lideriniň ynsanperwerlige esaslanýan taryhy başlangyçlary: howandarlygyň we çagalara mähirli garaýşyň nusgalyk tejribesi» atly maslahat geçirildi.

Bedenterbiýäni we sporty ösdürmek boýunça işler hem dowam etdirildi. Iýul aýynda geçiriljek Olimpiýa hem-de awgust-sentýabr aýlarynda geçiriljek Paralimpiýa oýunlaryna milli ýygyndy toparlarymyzy taýýarlamak işleri alnyp baryldy. Döwlet Baştutanymyzyň Kararyna laýyklykda, hokkeý boýunça halkara ýaryşy geçirmek üçin degişli işler amala aşyryldy. Türkmen türgenleri halkara sport ýaryşlarynda jemi 97, şol sanda 34 altyn, 29 kümüş, 34 sany bürünç medala mynasyp boldular. Özara tejribe alyşmak, hünär ussatlygyny ýokarlandyrmak maksady bilen, bilim, ylym, saglygy goraýyş, sport ulgamlarynyň wekilleri daşary ýurtlara ugradyldy. Hormatly Prezidentimiz ýaşlaryň arasynda geçirilýän halkara çäreleri dowam etdirmegiň möhümdigini nygtady, tabşyryklary berdi.

Soňra döwlet Baştutanymyz mejlise gatnaşyjylara ýüzlenip, Garaşsyz ýurdumyzda şu ýylyň birinji çärýeginde ýerine ýetirilen işleriň netijeleriniň kabul edilen maksatnamalaryň üstünlikli durmuşa geçirilýändigini görkezýändigini belledi. Hormatly Prezidentimiziň nygtaýşy ýaly, hasabat döwründe jemi içerki önümiň ösüşi 6,3 göterim derejede durnukly saklanyp gelýär. Bu görkeziji senagat pudagynda 4,7, ulag we aragatnaşykda 6,6, hyzmatlar ulgamynda 7,6, söwda ulgamynda 8,2 göterim, oba hojalyk pudagynda bolsa 4,1 göterim boldy. Zähmet haklary 10 göterim ýokarlandyryldy. Ýurdumyzda iri senagat we durmuş maksatly desgalaryň, şol sanda täze şäherçeleriň, ýaşaýyş jaýlarynyň, dynç alyş-sagaldyş merkezleriniň, mekdepleriň, çagalar baglarynyň, beýleki desgalaryň gurluşygy üstünlikli dowam edýär. Ylym we bilim ulgamlarynda özgertmeler kabul eden meýilnamalarymyza laýyklykda alnyp barylýar. Şoňa görä-de, döwlet Baştutanymyz ýurdumyzy 2022 — 2028-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasyny amala aşyrmak boýunça netijeli işleri dowam etdirmegiň zerurdygyna ünsi çekdi hem-de şu ýylyň aprel aýynda ýurdumyzda köp sanly desgalaryň açylyş dabaralarynyň, birnäçe halkara çäreleriň geçiriljekdigini aýtdy. Şunuň bilen baglylykda, hormatly Prezidentimiz öňümizdäki çärelere talabalaýyk taýýarlyk görmegiň we olaryň ýokary guramaçylyk derejesinde geçirilmegini üpjün etmegiň wajypdygyny belledi.

Mejlisde döwlet durmuşyna degişli başga-da birnäçe möhüm meselelere garaldy we olar boýunça degişli çözgütler kabul edildi.

# НАЦИОНАЛЬНЫЙ ЛИДЕР ТУРКМЕНСКОГО НАРОДА, ПРЕДСЕДАТЕЛЬ ХАЛК МАСЛАХАТЫ ТУРКМЕНИСТАНА ПОЗДРАВИЛ ПРЕДСЕДАТЕЛЯ СОВЕТА ФЕДЕРАЦИИ ФЕДЕРАЛЬНОГО СОБРАНИЯ РОССИЙСКОЙ ФЕДЕРАЦИИ

Национальный Лидер туркменского народа, Председатель Халк Маслахаты Туркменистана Гурбангулы Бердымухамедов поздравил Председателя Совета Федерации Федерального Собрания Российской Федерации Валентину Матвиенко с юбилеем и присвоением звания Героя Труда Российской Федерации.

«Эта высшая награда является признанием Вашего отличного труда на протяжении многих лет на различных государственных постах, а также посильного вклада во всестороннее развитие России. Пользуясь случаем, выражаю Вам большую благодарность за Ваше искренне дружеское и доверительное отношение к Туркменистану», – говорится в послании.

Герой-Аркадаг искренне пожелал Валентине Матвиенко крепкого здоровья, семейного счастья и успехов, а дружественному народу Российской Федерации – благополучия и прогресса.

# ПРЕЗИДЕНТ ТУРКМЕНИСТАНА ПОЗДРАВИЛ ИЗБРАННОГО ПРЕЗИДЕНТА СЛОВАЦКОЙ РЕСПУБЛИКИ

Президент Сердар Бердымухамедов направил искренние поздравления и наилучшие пожелания г-ну Петеру Пеллегрини по случаю его победы на выборах Президента Словацкой Республики.

Пользуясь этой возможностью, Президент Туркменистана адресовал Президенту Петеру Пеллегрини пожелания крепкого здоровья, счастья и больших успехов в ответственной государственной деятельности, а всему народу Словацкой Республики – дальнейшего прогресса и процветания.

# The President of Turkmenistan received the executive director of the «Turkmenistan USA» Business Council

On March 4, 2024, President Serdar Berdimuhamedov received the Executive Director of the «Turkmenistan-USA» Business Council Eric Stewart.



During the meeting, priority issues of bilateral interaction were discussed, as well as the desire of US business circles to further develop productive ties with Turkmenistan, which has solid economic potential.

The President of Turkmenistan expressed confidence that the current visit will provide a good opportunity to discuss promising areas of cooperation, wishing the upcoming negotiations to be productive.

During the meeting, it was emphasized that Turkmenistan attaches great importance to the development of relations with the United States on the principles of mutual respect and trust. Noting the contribution of American companies to the effective use of the economic opportunities of our country, President Serdar Berdimuhamedov stated that for many years such large American companies as «Boeing», «General Electric», «John Deere», «Case New Holland» have been implementing important projects in Turkmenistan.

In this context, the significant role of the Business Council in the development of Turkmen-American trade and economic relations, which has become an effective tool for establishing and strengthening productive contacts between economic entities of the two countries, was especially noted. Big US companies successfully operate in the Turkmen market in strategically important sectors. More and more representatives of American business circles are showing interest in interaction with Turkmenistan.

President Serdar Berdimuhamedov emphasized that Turkmenistan welcomes the expansion of effective interaction with US companies and is ready to consider specific proposals from the Business Council.

At the end of the meeting, President Serdar Berdimuhamedov and Executive Director of the «Turkmenistan-USA» Business Council Eric Stewart expressed confidence that the bilateral economic partnership, based on many years of positive experience, will continue to develop dynamically on a long-term, mutually beneficial basis.

# Türkmenistanyň Prezidenti Gruziýanyň Parlamentiniň Başlygyny kabul etdi

**2024-nji ýylyň 9-njy aprelinde hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Gruziýanyň Parlamentiniň Başlygy Şalwa Papuaşwilini kabul etdi.**

Döwlet Baştutanymyz myhmany gadymy we myhmansöýer türkmen topragynda mähirli mübärekläp, häzirki wagtda parlamentara hyzmatdaşlygyň netijeli dialogy ilerletmegiň, ýurtlaryňdyr halklaryň arasynda ynanyşmak, özara düşünişmek ýagdaýyny saklamagyň möhüm gurallarynyň biri bolup durýandygyny belledi. Şunuň bilen baglylykda, Gruziýanyň Parlamentiniň Başlygynyň şu sapary ysnyşykly ikitaraplaýyn gatnaşyklary ösdürmek we kanun çykaryjy edaralaryň arasynda tejribe alyşmak üçin oňyn mümkinçilik bolar.

Gruziýanyň Parlamentiniň Başlygy mähirli kabul edilendigi üçin tüýs ýürekden hoşallyk bildirip, döwlet Baştutanymyza Gruziýanyň Prezidenti hanym Salome Zurabişwiliniň hem-de Premýer-ministri Irakliý Kohabidzäniň mähirli salamyny we iň gowy arzuwlaryny ýetirdi. Myhman ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygyň yzygiderli häsiýete eýedigini nygtady. Iki ýurduň Liderleri köpugurly hyzmatdaşlygyň, şol sanda parlament ugry boýunça gatnaşyklaryň okgunly ösdürilmegine itergi berýärler.

Duşuşygyň dowamynda Türkmenistan bilen Gruziýanyň arasynda deňhukuklylyk, birek-birege hormat goýmak ýörelgeleri esasynda guralýan gatnaşyklaryň däp bolan dostlukly häsiýete eýedigi kanagatlanma bilen bellenildi. Döwletara hyzmatdaşlygyň ileri tutulýan ugurlary boýunça pikir alyşmalaryň barşynda söwda-ykdysady ulgamda, şol sanda energetika, senagat, saglygy goraýyş we beýleki pudaklarda gatnaşyklaryň netijeli häsiýete eýedigi nygtaldy. Şunda ulag-



logistika ulgamyndaky hyzmatdaşlyk hem esasy ugurlaryň biri hökmünde görkezildi. Bellenilişi ýaly, biziň ýurtlarymyz türkmen-gruzin gatnaşyklaryny iki döwletiň anyk mümkinçiliklerine we isleglerine laýyk gelýän, hil taýdan täze derejä çykarmak üçin ýeterlik kuwwata eýedirler.

Türkmenistan bilen Gruziýanyň kanun çykaryjy edaralarynyň arasyndaky parlamentara hyzmatdaşlygy pugtalandyrmak barada-da gürrüň edildi. Şunda halkara hukuk binýadyny döretmekde we ösdürmekde iki ýurduň parlamentarileriniň işjeň gatnaşyklarynyň uly ähmiýeti nygtaldy.

Ynsanperwer ulgamdaky netijeli gatnaşyklar hem türkmen-gruzin hyzmatdaşlygynyň aýrylmaz bölegi bolup durýar. Şunda ylym, bilim, medeniýet, sungat ugurly ysnyşykly gatnaşyklary ýola goýmak üçin giň mümkinçilikleriň bardygyna üns berildi.

Pursatdan peýdalanyp, döwlet Baştutanymyz Gruziýanyň Parlamentiniň ýolbaşçysyny beýik türkmen akyldary, Gündogaryň bütin dünýäde ykrar edilen nusgawy şahyry Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygyna bagyşlanyp, 11-nji oktýabrda Aşgabatda geçiriljek döwlet we hökümet Baştutanlarynyň halkara forumyna gatnaşmaga çagyrdy.

Myhman hormatly Prezidentimize çakylygy üçin tüýs ýürekden hoşallyk bildirip, Magtymguly Pyragynyň döredijiliginiň diňe bir bahasyna ýetip bolmajak milli gymmatlyk bolmak bilen çäklenmän, eýsem, dünýä medeniýetiniň genji-hazynasynyň hem aýrylmaz bölegi bolup durýandygyny nygtady. Bellenilişi ýaly, şanly senäniň halkara derejede baýram edilmegi dünýä jemgyýetçiligini söz ussadynyň döredijiligi bilen has giňden tanyşdyrmaga hem-de ýurtlaryň we halklaryň arasyndaky netijeli ynsanperwer dialogy pugtalandyrmaga ýardam eder. Munuň özi dünýä derejesinde parahatçylyk we ynanyşmak medeniýetini ilerletmegiň möhüm şerti bolup durýar.

Döwlet Baştutanymyz ýurdumyzyň Gruziýa bilen ikitaraplaýyn gatnaşyklary mundan beýläk-de giňeltmäge we pugtalandyrmaga, şeýle hem doganlyk halklaryň abadançylygyň bähbidine özara gyzyklanma bildirilýän ulgamlaryň ählisinde netijeli hyzmatdaşlygy ösdürmäge taýýardygyny tassyklap, Gruziýanyň Prezidenti hanym Salome Zurabişwilä we Premýer-ministri Irakliý Kohabidzä mähirli salamyny, iň gowy arzuwlaryny beýan etdi.

Duşuşygyň ahyrynda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow hem-de Gruziýanyň Parlamentiniň Başlygy Şalwa Papuaşwili birek-birege berk jan saglyk, üstünlik, iki ýurduň halklaryna bolsa abadançylyk we rowaçlyk arzuw etdiler.

# В Туркменистане аккредитован Чрезвычайный и Полномочный Посол Республики Словения

3 апреля 2024 года по поручению Президента Туркменистана Сердара Бердымухамедова Председатель Меджлиса Д.Гулманова приняла верительные грамоты у Чрезвычайного и Полномочного Посла Республики Словения в Туркменистане Дарьи Бавдаж Курет.



От имени главы государства руководитель национального парламента поздравила дипломата с назначением на ответственный пост и пожелала успехов в работе по укреплению сотрудничества между двумя странами.

Выразив благодарность за добрые слова, посол передала Президенту Сердару Бердымухамедову искренние приветствия от руководства Республики Словения и пожелания процветания и благополучия туркменскому народу.

В ходе встречи дипломат была ознакомлена с основными направлениями внутренней и внешней политики Туркменистана, успешно реализуемой под руководством главы государства, а также со структурой национального парламента и законотворческой работой.

В ходе встречи состоялся взаимный обмен мнениями о двусторонних и многосторонних отношениях, которые успешно развиваются в рамках международных организаций, прежде всего Организации Объединённых Наций.

В завершение встречи Чрезвычайный и Полномочный Посол Республики Словения в Туркменистане Дарья Бавдаж Курет заверила, что приложит все усилия для дальнейшего укрепления межгосударственного сотрудничества, основанного на принципах равенства и взаимного доверия.

Интернет газета
Международные новости



# TÜRKMEN HALKYNYŇ MILLI LIDERI, TÜRKMENISTANYŇ HALK MASLAHATYNYŇ BAŞLYGY WE TÄJIGISTANYŇ PREZIDENTINIŇ ARASYNDA GEPLEŞIKLER GEÇIRILDI

2024-nji ýylyň 4-nji aprelinde Duşenbe şäherinde türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow bilen Täjigistan Respublikasynyň Prezidenti Emomali Rahmonyň arasynda gepleşikler geçirildi.

Resmi garşylamak dabarasy tamamlanandan soň, ikiçäk görnüşde we resmi wekiliýetleriniň agzalarynyň gatnaşmagynda giňişleýin düzümde ýokary derejedäki türkmen-täjik gepleşikleri geçirildi.

Duşuşygyň dowamynda söhbetdeşler ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygyň häzirki ýagdaýyny we ony mundan beýläk-de ösdürmegiň geljegini ara alyp maslahatlaşdylar. Iki ýurduň Liderleri döwrüň talaplary bilen baglylykda hem-de Türkmenistanyň we Täjigistanyň milli ykdysadyýetleriniň ileri tutulýan ugurlaryny nazara almak bilen, döwletara gatnaşyklaryň möhüm ugurlaryny anyklaşdyryp, dürli ugurlarda döwletara gatnaşyklaryna hil taýdan täze itergi bermegiň möhümdigi baradaky pikiri aýtdylar.

Haryt dolanyşygynyň möçberlerini artdyrmak maksady bilen, söwda gatnaşyklarynda taraplaryň mümkinçiliklerinden has doly peýdalanmagyň zerurdygyna aýratyn üns berildi. Şunuň bilen birlikde, söwda-ykdysady we ylmy-tehniki hyzmatdaşlyk boýunça bilelikdäki hökümetara toparynyň hem-de türkmen-täjik işewürler geňeşiniň işini işjeňleşdirmegiň zerurdygy bellenildi.

Energetika, ulag we kommunikasiýalar, senagat, oba hojalygy ikitaraplaýyn gatnaşyklaryň esasy ugurlarynyň hatarynda görkezildi. Gepleşikleriň dowamynda ekologiýa meselesine aýratyn üns berildi. Hususan-da, türkmen halkynyň Milli Lideri we Prezident Emomali Rahmon Araly halas etmegiň Halkara gaznasynyň işini mundan beýläk-de pugtalandyrmagyň we kämilleşdirmegiň zerurdygyny aýtdylar. Bu gazna esasy sebitleýin düzüm bolmak bilen, onuň işi Aral ýakasynda ekologiýa we durmuş-ykdysady ýagdaýy gowulandyrmak ulgamynda hyzmatdaşlygy üpjün etmäge gönükdirilendir.

Iki ýurduň halklarynyň arasyndaky özara dostluk we hyzmatdaşlyk gatnaşyklaryny pugtalandyrmak maksady bilen, Türkmenistanyň we Täjigistanyň bilim, ylym, medeniýet, saglygy goraýyş, bedenterbiýe we sport ulgamlarynda hyzmatdaşlygy giňeltmäge taýýardyklary tassyklanyldy.

Sebit we ählumumy gün tertibiniň özara gyzyklanma bildirilýän möhüm meseleleri hem jikme-jik ara alnyp maslahatlaşyldy. Şunuň bilen baglylykda, iri halkara we sebit guramalarynyň çäklerinde, ilkinji nobatda, Birleşen Milletler Guramasynda häzirki döwrüň wehimleri we howplary bilen bagly möhüm meseleleri çözmek üçin mundan beýläkki gatnaşyklaryň mümkinçilikleri barada pikir alşyldy.

Türkmen-täjik gepleşikler tamamlanandan soň, ikitaraplaýyn resminamalara gol çekmek dabarasy geçirildi. Gol çekilen resminamalar:

«Türkmenistanyň Daşary işler ministrligi bilen Täjigistan Respublikasynyň Daşary işler ministrliginiň arasynda 2024-2025-nji ýyllar üçin hyzmatdaşlyk etmegiň Maksatnamasy»;

«Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary instituty bilen Täjigistan Respublikasynyň Daşary işler ministrliginiň Diplomatik gullugynyň işgärleriniň hünärini ýokarlandyryş we gaýtadan taýýarlaýyş merkeziniň arasynda hyzmatdaşlyk etmek hakynda Ylalaşyk»;

«Türkmenistanyň Gurluşyk we binagärlik ministrligi bilen Täjigistan Respublikasynyň Hökümetiniň ýanyndaky Binagärlik we gurluşyk boýunça komitetiniň arasynda hyzmatdaşlyk etmek hakynda Ylalaşyk»;

«Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň Seýsmologiýa we atmosferanyň fizikasy instituty bilen Täjigistanyň Milli ylymlar akademiýasynyň Geologiýa, seýsmiki durnukly gurluşyk we seýsmologiýa institutynyň arasynda özara düşünişmek hakynda Ähtnama»;

«Arkadag we Hujand şäherleriniň arasynda doganlyk gatnaşyklaryny ýola goýmak barada Arkadag şäheriniň häkimligi (Türkmenistan) bilen Hujand şäheriniň döwlet häkimiýetiniň ýerine ýetiriji edarasynyň (Sugt oblasty, Täjigistan Respublikasy) arasynda Ylalaşyk».

Duşenbe şäherinde geçirilen türkmen-täjik gepleşikleriň netijeleri boýunça gol çekilen ikitaraplaýyn resminamalaryň toplumy Türkmenistan bilen Täjigistan Respublikasynyň arasyndaky dürli ugurlar boýunça özara bähbitli hyzmatdaşlygyny ösdürmäge uly mümkinçilik berer.

# TÜRKMENISTANYŇ HALK MASLAHATYNYŇ BAŞLYGYNYŇ TÄJIGISTAN RESPUBLIKASYNA RESMI SAPARY TAMAMLANDY

2024-nji ýylyň 5-nji aprelinde türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň Täjigistan Respublikasyna resmi sapary tamamlandy.

Şol gün türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow Täjigistan Respublikasyna resmi saparynyň çäklerinde Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň kābir orunbasarlarynyň hem-de beýleki degişli ýolbaşçylaryň gatnaşmagynda iş maslahatyny geçirdi. Onda ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygyň häzirki ýagdaýyna we geljegine degişli meseleler ara alnyp maslahatlaşyldy.

Soňra türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow Täjigistanyň Oli Majlisiniň Namoýandagon Majlisiniň Başlygy Mahmadtoir Zokirzoda bilen duşuşdy.

Pikir alyşmalaryň barşynda bellenilişi ýaly, netijeli türkmen-täjik hyzmatdaşlygyny ösdürmekde milli parlamentleriň ugry boýunça gatnaşyklara möhüm orun berilýär.

Resmi saparyň çäklerinde türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow Täjigistan Respublikasynyň Premýer-ministri Kohir Rasulzoda bilen hem duşuşdy.

Duşuşygyň barşynda ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygyň esasy ugurlarynyň biri bolan söwda-ykdysady hyzmatdaşlyk meselesi hem gyzyklanma bildirilip ara alnyp maslahatlaşyldy. Nygtalyşy ýaly, ikitaraplaýyn söwda-ykdysady hyzmatdaşlygy ösdürmekde bilelikdäki hökümetara toparynyň işine, şeýle hem Türkmen-täjik işewürler geňeşine möhüm orun berilýär.

Gahryman Arkadagymyz Gurbanguly Berdimuhamedow we Premýer-ministr Kohir Rasulzoda Türkmenistanyň we Täjigistanyň döwletara hyzmatdaşlygyň gün tertibine girizilen ähli meseleler boýunça mundan beýläk-de netijeli gatnaşyk etmegi göz öňünde tutýandyklaryny nygtap, ýurtlarymyzyň arasyndaky deňhukukly, özara bähbitli hyzmatdaşlygyň dostlukly halklaryň abadançylygynyň bähbidine geljekde-de pugtalandyryljakdygyna ynam bildirdiler.

Şol gün Hökümet kabulhanasynda türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň Täjigistan Respublikasynyň Prezidenti Emomali Rahmon bilen duşuşygy geçirildi.

Duşuşygyň dowamynda Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Duşenbe şäherinde geçirilen gepleşikleriň we duşuşyklaryň netijeli häsiýete eýe bolandygyny kanagatlanma bilen belledi. Şol duşuşyklar ikitaraplaýyn gatnaşyklara mahsus bolan açyklyk, özara düşünişmek, ynanyşmak ýagdaýynda geçdi.

Duşuşygyň ahyrynda türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow we Prezident Emomali Rahmon saparyň barşynda gazanylan ylalaşyklaryň hem-de gol çekilen ikitaraplaýyn resminamalaryň strategik häsiýete eýe bolan türkmen-täjik hyzmatdaşlygyny mundan beýläk-de okgunly ösdürmäge ýardam etjekdigine ynam bildirdiler.

Täjigistan Respublikasyna resmi saparynyň tamamlap, Gahryman Arkadagymyz Duşenbe şäheriniň Halkara howa menziline bardy we Watanymyza ugrady.

# Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky haýyr-sahawat gaznasy tarapyndan Täjigistanyň çagalaryna sowgat iberildi

2024-nji ýylyň 4-nji aprelinde Türkmen halkynyň gadymdan gelýän hoşniýetli gatnaşyklaryndan we ynsanperwer däp-dessurlaryndan ugur alyp, Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň adyndan dostlukly täjik halkynyň çagalaryna sowgat bermek maksady bilen, Türkmenistanyň Prezidenti Buýruga gol çekdi.



Resminama laýyklykda, Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasy tarapyndan derman we saglygy goraýyş maksatly serişdeler, dokma önümleri, çaga eşikleri, konditer önümleri sowgat hökmünde Täjigistan Respublikasyna berildi.

Şol gün Duşenbe şäheriniň «Istiklol» lukmançylyk toplumynda dostlukly täjik halkynyň çagalaryna Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň adyndan sowgatlary gowşurmak dabarasy boldy.

Çärä ýurdumyzyň şu günler Duşenbe şäherinde bolýan Hökümet wekiliýetiniň agzalary, Täjigistan Respublikasynyň Hökümetiniň resmi wekilleri gatnaşdylar.

Çärede çykyş edenler iki döwletiň Baştutanlarynyň arasyndaky ynanyşykly gatnaşyklaryň, iki halkyň taryhy, medeni umumylygyna esaslanýan döwletara gatnaşyklaryň netijesinde häzirki günde täjik-türkmen dialogyny mundan beýläk-de okgunly ösdürmek üçin berk binýadyň kemala getirilendigini bellediler.

Täjik tarapynyň wekilleri hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowa we türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowa täjik çagalaryna berlen sowgatlar üçin tüýs ýürekden hoşallyklaryny beýan etdiler.

## TÜRKMEN HALKYNYŇ MILLI LIDERI, TÜRKMENISTANYŇ HALK MASLAHATYNYŇ BAŞLYGY BILEN TÜRKIÝE RESPUBLIKASYNYŇ PREZIDENTINIŇ ARASYNDA TELEFON ARKALY SÖHBETDEŞLIK

2024-nji ýylyň 10-njy aprelinde türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň we Türkiýe Respublikasynyň Prezidenti Rejep Taýyp Ärdoganyň arasynda telefon arkaly söhbetdeşlik boldy.

Gahryman Arkadagymyz we Prezident Rejep Taýyp Ärdogan mähirli salamlaşyp, birek-biregi mukaddes Oraza baýramy mynasybetli gutladylar hem-de iň go-



wy arzuwlaryny beýan edip, ruhy päklik, ýokary ahlaklylyk ýaly adamzadyň belent gymmatlyklarynyň ähmiýetini ündeýän bu nurana baýramyň iki ýurduň arasyndaky gatnaşyklaryň ösdürilmegine, külli musulman dünýäsinde dostlugyň, özara goldaw bermegiň, raýdaşlygyň pugtalandyrylmagyna mundan beýläk-de ýardam etjekdigine tüýs ýürekden ynam bildirdiler.

Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy pursatdan peýdalanyp, bu mukaddes baýram gününde Prezident Rejep Taýyp Ärdoganyň hem-de onuň maşgalasynyň adyndan gutlaglary kabul etmäge örän şatdygyny aýtdy we ýakynda Gahryman Arkadagymyzyň maşgalasy Ogulgerek Berdimuhamedowanyň hanym Emine Ärdogana mukaddes Gadyr gijesi we Oraza baýramy mynasybetli iň gowy arzuwlarynydyr gutlaglaryny iberendigini belledi. Türkmen halkynyň Milli Lideri Prezident Rejep Taýyp Ärdogana Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň salamyny, bu mukaddes baýram mynasybetli gutlaglaryny we iň gowy arzuwlaryny hem ýetirdi.

Dostlukly ýurduň Baştutany, öz gezeginde, hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň geçen ýyl Türkiýe Respublikasyna amala aşyran resmi saparynyň döwletara gatnaşyklary mundan beýläk-de ilerletmekde uly goşant bolandygyny nygtady hem-de Gahryman Arkadagymyzdan hormatly Prezidentimize mähirli salamyny, iň gowy arzuwlaryny ýetirmegini haýyş etdi. Şunuň bilen baglylykda, Türkiýäniň Prezidenti iki doganlyk ýurduň arasyndaky hyzmatdaşlygyň türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň goldawlary esasynda mundan beýläk-de ösdüriljekdigine ynam bildirdi.

Prezident Rejep Taýyp Ärdogan mümkinçilikden peýdalanyp, Gahryman Arkadagymyzyň üçünji Antalýa diplomatiýa forumyna gatnaşmagynyň ähmiýetini nygtady hem-de şanly ýubileýi mynasybetli Türkmenistanyň «Hormatly il ýaşulusy» diýen adynyň dakylmagynyň özi üçin uly mertebedigini ýene-de bir gezek belledi.

Doganlyk ýurduň Baştutany hormatly Arkadagymyzyň başlyklyk etmeginde Aşgabatda Türki Döwletleriň Guramasynyň Aksakgallar geňeşiniň 15-nji mejlisiniň ýokary guramaçylyk derejesinde geçirilendigini we Türkmenistanyň bu gurama bilen hyzmatdaşlyga uly gyzyklanma bildirýändigini aýdyp, türkmen halkynyň Milli Liderine hoşallygyny beýan etdi.

Telefon arkaly söhbetdeşligiň ahyrynda türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow we Türkiýe Respublikasynyň Prezidenti Rejep Taýyp Ärdogan birek-birege berk jan saglyk, bagtyýarlyk, tutan orazalarynyň, doga-dilegleriniň Beýik Biribaryň dergähinde kabul bolmagyny, iki ýurduň doganlyk halklaryna bolsa parahatçylyk, abadançylyk, gülläp ösüş arzuw etdiler.

## THE TURKMEN-TAJIK BUSINESS FORUM WAS HELD IN DUSHANBE

The continued interest of Turkmenistan and the Republic of Tajikistan in building up mutually beneficial cooperation in the trade and economic sphere and strengthening productive business ties was demonstrated during a joint business forum held on April 4, which was attended by representatives of the private sector of the two countries.

The agenda of the meeting, held in the conference hall of the National Library of Tajikistan, included priority areas of bilateral partnership, taking into account its solid potential.

As emphasized, thanks to regular mutual visits at the hig-



hest level and mutual efforts of the parties in recent years, Turkmen-Tajik cooperation has reached qualitatively new levels. It was noted that the current official visit of the National Leader of the Turkmen people, Chairman of the Halk Maslahaty Gurbanguly Berdimuhamedov to the Republic of Tajikistan gave an effective impetus to the traditionally friendly interstate dialogue.

The subject of an interested exchange of views was the prospects for further intensification of trade relations, increasing the volume and expanding the range of mutual trade turnover, and implementing joint projects.

In this aspect, the significant role of business meetings and other specialized events organized on a systematic basis, which are effective mechanisms for the progressive development and diversification of bilateral cooperation, was noted.

During the forum, the possibilities of Turkmen-Tajik interaction in various sectors, including the industrial complex, fuel and energy sector, agriculture, transport and logistics, and investment activities were discussed. In this context, the parties' desire to increase contacts among business communities was noted.

# НОВОСТИ МИРА И РЕГИОНА

### ТИКА ХОЧЕТ АКТИВИЗИРОВАТЬ КОНТАКТЫ С ТУРКМЕНИСТАНОМ В ОБЛАСТИ ПАМЯТНИКОВ КУЛЬТУРЫ

Президент Турецкого агентства по сотрудничеству и координации (ТИКА) Серкан Каялар, после визита в Анау на церемонию провозглашения этого туркменского города столицей тюркского мира 2024 года, заявил, что агентство стремится активизировать сотрудничество с Туркменистаном в новый период отношений.

В частности, ТИКА хочет расширить взаимодействие по линии исторических городов Анау, Мерв и Куняургенч, передает TRT Avaz. В Туркменистане при содействии ТИКА в 2004 году был завершен проект по реставрации мавзолея султана Санджара на территории Государственного историко-культурного заповедника «Древний Мерв».

Серкан Каялар отметил, что ТИКА разрабатывает проекты согласно приоритетам и потребностям стран, способствуя развитию институциональной инфраструктуры во всех сферах экономики, от здравоохранения до сельского хозяйства.

### В ТБИЛИСИ ПРОВЕДЕН ТУРНИР ПО ФУТБОЛУ

7 апреля 2024 года Посольство Туркменистана в Грузии провело футбольный турнир, посвященный Всемирному дню здоровья. В турнире приняли участие туркменские студенты, обучающиеся в высших учебных заведениях Грузии, а также граждане Туркменистана.

Перед началом турнира к участникам обратился Посол Туркменистана в Грузии Д.Сейитмаммедов. Он подчеркнул, что Всемирный день здоровья играет важную роль в укреплении единства общества и пропаганды здорового образа жизни, физкультуры и спорта.

### В КАЗАХСТАНЕ СОСТОЯЛАСЬ ПРЕЗЕНТАЦИЯ КНИГИ «АНАУ – КУЛЬТУРА ИЗ ГЛУБИН ТЫСЯЧЕЛЕТИЙ»

Восьмого апреля 2024 года в здании Тюркской Академии в Казахстане состоялось презентация новой книги Президента Туркменистана Сердара Бердымухамедова «Анау – культура из глубин тысячелетий», посвященной провозглашению города Анау культурной столицей тюркского мира в 2024 году.

В мероприятии, организованном по инициативе посольства Туркменистана в Республике Казахстан совместно с Тюркской Академией, приняли участие представители дипломатических представительств, аккредитованных в городе Астана, представители научной и творческой интеллигенции и СМИ.

Посол Туркменистана в своем выступлении подробно рассказал о новой работе Президента Туркменистана, в частности, об истории города Анау как древнего центра земледельческой культуры, его уникальных исторических памятниках, проведенных известными учеными археологических исследованиях, о современном развитии Ахалского велаята и его административного центра, о Национальном музее Ak bugdaý.

***Материалы подготовлены на основе интернет-источников.***